***Gonkongda ÝUNESKO-nyň dördünji halkara modeli (MUNESCO) geçirildi. Ol ÝUNESKO klublarynyň we assosiasiýalarynyň Bütindünýä federasiýasy (WFUCA) hem-de ÝUNESKO-nyň Gonkong assosiasiýasy (UHKA) tarapyndan Hytaý Bankynyň (Gonkong) goldawy bilen ýola goýuldy. Bu çärä 20-den gowrak ýurtdan, şol sanda Türkmenistandan-da ýaş ýolbaşçylar gatnaşdylar.***

Bu halkara meýdançada biziň ýurdumyzyň wekili hökmünde Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň talyby Emir Sopyýew çykyş etdi. ÝUNESKO-nyň «Dermanlyk ösümlikler – biziň saglygymyz we mirasymyz» klubunyň işjeň agzasy hökmünde ol bu halkara bäsleşige «Neýrotehnologiýa edebi» mowzugy boýunça gatnaşdy.

Bäsleşik üç tapgyrdan ybarat boldy: birinji tapgyrda bäsdeşler öz ýurtlarynda geçirilýän işler we ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlyk barada çykyş etdiler, ikinji tapgyrda neýrotehnologiýalary ösdürmek strategiýasy, emeli aňyň dürli pudaklardaky täze mümkinçilikleri barada slaýdly tanyşdyrmalary taýýarladylar we neýrotehnologiýanyň giň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar. Üçünji tapgyrda bolsa bäsleşige gatnaşýanlaryň hödürlän strategiýalary boýunça ses berişlik geçirildi. Emir Sopyýew üstünlikli çykyşy üçin bäsleşige gatnaşanlygy barada şahadatnama aldy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 08.05.2026